# Añkaw bilen Mahaw

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Añkaw bilen Mahaw AÑKAW BILEN MAHAW

Añkaw bilen Mahaw
Tapdy dünýäni.
Mahaw barmagyn dürtdi:
– Wä, muny,
Wä bu dünýäni!
Añkaw añkardy,
Añkawlygy artdy.
Añkaw bilen Mahaw
Gördüler Güni.
Mahaw Añkawa diýdi:
– Wä, ony,
Wä, ol Güni!
Añkaw añkardy,
Añkawlygy artdy.
Añkaw bilen Mahaw
Duşdy adama.
Mahaw barmagyn dürtdi:
– Wä, bu zady,
– Wä, bu adamy!
Añkaw añkardy,
Añkawlygy artdy.
Mahaw-a geñ görüp,
Añkaw añkaryp,
Olar ýer üstünde gezdiler bir çen.
Añkaw bilen Mahaw
Tapdylar ajal.
Mahawyñ çalaja ýetip mejaly
Diýdi ak ýürekden:
– Wä, bu ajaly!

Ajala ýürekden çala añkaryp,

Añkaw Mahaw bilen ýatyr ýanaşyk.
Diýdi Añkaw öz sesini geñ görüp:
«Biz bu dünýä haýran galyp ýaşadyk».

Bapba GÖKLEÑ. Goşgular